Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!



# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONIC NEWSPAPER

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№21 (71) 2023-nji ýylyň 1-nji sentýabry

*Syýasy teswir*



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

20-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Budapeştde geçirilen Ýeňil atletika boýunça dünýä çempionaty, şeýle hem ýurduň Milli baýramy — Keramatly Stefanyň güni mynasybetli guralýan dabaralara gatnaşmak üçin Wengriýada iş saparynda boldy.

Geçirilen gepleşikleriň dowamynda energetika ulgamy tagallalary birleşdirmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Bu babatda uglewodorod serişdeleriniň baý gorlaryna eýe bolan Türkmenistan energiýa serişdelerini ibermegiň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak strategiýasyny durmuşa geçirip, öndürijileriň, sarp edijileriň we üstaşyr geçirijileriň deň derejede bähbitlerini nazara almak esasynda özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, Ýewropa ugrunyň Türkmenistan üçin ileri tutulýan ugurlaryň biri bolandygy we şeýle bolmagynda galýandygy bellenildi.

24-nji awgustda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Palestina Döwletiniň daşary işler we daşary ýurtlarda ýaşaýan palestinalylaryň işleri boýunça ministri Riýad al-Maliki bilen duşuşdy.

Türkmen-palestin hyzmatdaşlygynyň geljegi barada pikir alyşmalaryň barşynda Halk Maslahatynyň Başlygy we myhman iki döwletiň arasyndaky syýasy-diplomatik hyzmatdaşlygyň dostluk, ynanyşmak hem birek-birege hormat goýmak esasynda depginli ösýändigini kanagatlanma bilen nygtadylar.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy we Palestina Döwletiniň Daşary işler ministrliginiň ýolbaşçysy döwletara gatnaşyklaryň dürli ugurlar boýunça ösdüriljekdigine we täze many-mazmun bilen baýlaşdyryljakdygyna ynam bildirdiler.

* * *

Hormatly Prezidentimiz türkmen halkynyň gadymdan gelýän hoşniýetli gatnaşyklaryndan we ynsanperwerlik ýörelgelerinden ugur alyp, Russiýa Federasiýasynyň Primorskiý kraý sebitinde tebigy hadysalaryň bolup geçendigini göz öňünde tutup, Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, Dokma senagaty ministrligine hem-de Senagatçylar we telekeçiler birleşmesine Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen hyzmatdaşlykda degişli harytlardan we azyk önümlerinden ybarat bolan ynsanperwerlik kömegini Russiýa Federasiýasynyň Primorskiý kraý sebitiniň çagalary üçin taýýarlamak hem-de muzdsuz bermek tabşyryldy.

* * *

25-nji awgustda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Türkmenistanda Durnukly Ösüş Maksatlaryny durmuşa geçirmek boýunça Milli iş toparynyň tegelek stolunyň bilelikdäki mejlisi geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda Milli meýletin syny hödürlenildi we Türkmenistanyň wekiliýetiniň 2023-nji ýylyň iýul aýynda EKOSOC-yň ýokary derejeli syýasy forumyna gatnaşmak üçin amala aşyran saparynyň netijeleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

* * *

26-njy awgustda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowyň ýolbaşçylygynda ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

Mejlisiň gün tertibiniň çäklerinde Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä ýaşlar jemgyýetine goşulmagy bilen bagly hem-de Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda «Ahalteke atlary — parahatçylygyň ilçileri» atly ÝUNESKO klubuny döretmek boýunça öňde duran, amala aşyrylmaly işler barada hasabatlar diňlenildi.

Şeýle-de, mejlisde «Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023 — 2030-njy ýyllar üçin Strategiýasynda» kesgitlenen ugurlaryň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä ýaşlar jemgyýeti bilen işjeň hyzmatdaşlygyň çäklerinde amala aşyrylmaly işler barada durup geçildi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**



## СОСТОЯЛАСЬ ТОРЖЕСТВЕННАЯ КОНФЕРЕНЦИЯ

26 августа 2023 года в Центре свободного творчества, при организации редакции газеты «Edebiýat we sungat» и журнала «Garagum» состоялась торжественная конференция под названием «Gahryman Arkadagyň ylhamynda Pyragy». На встрече присутствовали ведущие журналисты страны, известные отечественные писатели и поэты, а также студенты высших учебных заведений, обучающиеся специальности «Журналистика».

## КОНФЕРЕНЦИЯ, ПОСВЯЩЕННАЯ НОВОМУ СТИХОТВОРЕНИЮ ГЕРОЯ-АРКАДАГА

28 августа в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась конференция, посвященная новому стихотворению Национального лидера туркменского народа, председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова «Кладезь разума Махтумкули Фраги». В ней приняли участие народный скульптор Туркменистана, лауреат Государственной и Международной премии Туркменистана им. Махтумкули Сарагт Бабаев, редактор газеты «Edebiýat we sungat» Меретгылыч Ягмыров, преподаватели и профессора, а также студенческая молодежь Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzda ähli ugurlarda, şol sanda ylym-bilim ulgamynda hem şanly menzillere ýetilýär, ajaýyp üstünliklere eýe bolunýar. Munuň özi ýurdumyzda ýaş nesilleriň ylymly-bilimli, sagdyn, ruhubelent hünärmenler, kämil şahsyýetler bolup ýetişmegi babatda döwlet derejesinde edilýän taýsyz tagallalaryň guwandyryjy netijeleridir.***

1-nji sentýabr — Bilimler we talyp ýaşlar güni

# BILIMLI NESILLER – DÖWLETIŇ DAÝANJY

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ylym, bilim ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmak we kämilleşdirmek ugrunda gazanylan oňyn tejribelerden, şeýle hem «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelerden ugur alnyp, giň gerimli bilim özgertmeleri amala aşyrylýar. Şu maksat bilen, ylmy-tehniki ösüşlere, iň täze tehnologiýalara, öňdebaryjy innowasiýalara daýanyp, bagtyýar ýaşlarymyzyň ýokary derejede bilim almaklary, saýlan hünärleriniň eýeleri bolmaklary, watançylygyň hem-de ynsanperwerligiň belent ruhunda terbiýelenmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilýär.

Bilim almak hukugy konstitusion hukuklaryň biri bolup durýar. Esasy Kanunymyzyň 55-nji maddasynda: «Her bir adamyň bilim almaga hukugy bardyr. Umumy orta bilim hökmanydyr, her bir adam ony döwlet bilim edaralarynda tölegsiz almaga haklydyr. Döwlet her bir adam üçin öz ukyplaryna laýyklykda hünär biliminiň elýeterliligini üpjün edýär. Tölegli bilim beriş işini amala aşyrmaga kanunda bellenen



esaslarda we tertipde ýol berilýär. Ähli bilim edaralary üçin hökmany bolan döwlet bilim standartlary bellenýär» diýilýär. Bilim ulgamyny kadalaşdyrmagyň we bu hukugyň ähli adamlar üçin kepillendirilmeginiň döwlet işiniň baş ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenmeginiň esasy sebäbi bilimiň jemgyýetiň çalt depginler bilen ösmeginiň örän möhüm şerti bolmagyndadyr. Döwletimizde adamlaryň bilime bolan hukuklaryny doly durmuşa geçirmekleri üçin kanuny kepillikler döredilýär.

Ylym-bilim rowaçlyklaryň açary, röwşen geljegiň binýady hasaplanýar. Şonuň üçin bu ulgamy ösdürmäge örän uly ähmiýet berilýär. Ýurdumyzda ýokary okuw mekdepleriniň sanynyň artmagy, olara okuwa kabul edilýän talyplaryň sanynyň bolsa ýylsaýyn köpeldilmegi we täze hünärleriň açylmagy muňa aýdyň mysaldyr. 2023-2024-nji okuw ýylynda ýokary okuw mekdepleriniň 10-ysyna täze hünärleriň 35-isi girizildi. Şolaryň 21-isi bakalawr, 8-isi hünärmen, 6-sy magistr maksatnamalaryny öz içine alýar.

Şu okuw ýylynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde taýýarlyk ugurlarynyň 2-si açylyp, talyplar durmuş işi ugry boýunça bakalawr, pedagogika bilimi ugry boýunça bolsa magistr maksatnamasy esasynda okuwa kabul edildiler. Edil şonuň ýaly, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda hem taýýarlygyň durmuş işi ugry boýunça bakalawr, psihologiýa-pedagogika bilimi ugry boýunça magistr maksatnamasyna laýyklykda talyplara bilim berlip başlandy. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda hem maglumat howpsuzlygy ugry boýunça bakalawr, binagärlik we gurluşyk işlerinde raýat goranyşyny meýilleşdirmek, ýol gurluşygy işlerinde raýat goranyşy, himiýa senagatynda we ulanylyşynda raýat goranyşy hünärleri boýunça hünärmen maksatnamasy esasynda talyplara bilim berlip başlandy.

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň okuw maksatnamasyna şu ýyl täze taýýarlyk ugurlarynyň birbada 6-sy girizildi. Şeýle-de şu okuw ýylynda Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynda täze hünärleriň birbada 8-isi açyldy. S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti taýýarlygyň maglumat howpsuzlygynyň menejmenti (oba hojalygynda), Türkmen oba hojalyk instituty bolsa oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemegiň tehnologiýasy ugry boýunça bakalawr maksatnamasy esasynda talyplyga kabul etdi. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda magistr maksatnamasy esasynda halkara ykdysadyýeti ugry girizilen bolsa, Türkmen döwlet maliýe institutynda telekeçilik we maliýe ugrunyň açylandygyny bellemelidiris.

**Geçen 15 ýylyň içinde uçurymlaryň 698-isi instituty tamamlap, şolaryň 102-si tapawutlanan diplomlara mynasyp boldular. Institutyň uçurymlarynyň 75 göterimi ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginiň ulgamynda, hukuk goraýjy edaralarynda, ykdysady we maliýe toplumynda, telewideniýede, radioda we milli metbugatda zähmet çekýär.**

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen 29-njy iýunda dabaraly ýagdaýda açylan Arkadag şäherinde döredilen Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasyna şu ýyl ilkinji gezek talyplar kabul edildi. Bu täze ýokary okuw mekdebi ahalteke bedewleriniň tohumynyň arassalygyny goramak we türkmen halkynyň milli buýsanjy hem-de mirasy bolan ahalteke atlarynyň sanyny köpeltmek, ylmy esasda ýöriteleşdirilen hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen döredildi. Şeýlelik-de, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň sanawynda ýene bir akademiýa peýda boldy.

Bilim ulgamynda dünýä ülňülerini yzygiderli ornaşdyrýan Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen özara gatnaşyklary ösdürýär. Hususan-da, BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy — ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde uly ähmiýet berilýär. Bu babatda aýdanymyzda ýurdumyzyň birnäçe ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO-nyň klublary we kafedralary döredildi. ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň we ýokary okuw mekdepleriniň toparlarynyň bilelikde gatnaşmagynda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda «Parahatçylygyň dilleri» hem-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Parahatçylyk medeniýeti», Türkmen oba hojalyk institutynda «Daşky gurşawy goramak — durnukly ösüşiň möhüm konsepsiýasy» atly ÝUNESKO-nyň klublary açyldy. Bu klublaryň açylmagy ýaşlaryň döredijilik we ylymy-barlag işlerine bolan höwesini artdyrmak, öz ýurdunyň medeni gymmatlyklary, däp-dessurlary baradaky bilimini ýokarlandyrmak babatda uly ähmiýete eýedir.

Ýurdumyzda her ýyl dünýä derejesine laýyk gelýän bilim edaralarynyň binalarynyň onlarçasy gurlup, ulanmaga berilýär. Olar döwrebap multimedia enjamlary, sanly tehnologiýalar bilen üpjün edilýär. Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň ýanaşyk çäklerinde 2 müň orunlyk täze goşmaça okuw binasyny, 800 orunlyk umumy ýaşaýyş jaýyny, ýapyk görnüşli sport desgasyny hem-de aýlawly ýolda monument gurmak meýilleşdirilýär. Şu okuw ýylynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň täze binasynyň açylyp ulanylmaga berilmegi aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

Häzirki wagt bilim edaralarynyň dünýä ülňülerine laýyk getirilmegine aýratyn üns berilýär. Sanly ulgama geçmegiň çäklerinde öwredilýän daşary ýurt dilleriniň gerimini giňeltmek ugrundaky işler hem oňyn häsiýete eýe bolýar. Bu bolsa bilim babatda halkara hyzmatdaşlygyň çägini işjeň giňeltmek we okgunly ösdürmek maksady bilen kabul edilen netijeli çözgütdir. Hormatly Prezidentimiziň ylym-bilim ulgamynyň öňünde goýan wezipeleriniň üstünlikli amal edilmegi täzeçe pikirlenmegi başarýan hünärmenleri taýýarlamak işinde we şonuň netijesinde ähli pudaklary döwrebaplaşdyrmakda, eziz ýurdumyzyň ösüşiň täze belentliklerine tarap okgunly öňe gitmeginde nobatdaky möhüm ädim bolup çykyş edýär. Häzirki wagtda ähli pudaklarda öňdebaryjy tehnologiýalary we innowasiýalary işjeň ornaşdyrmaga gönükdirilen giň möçberli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Täzeçe bilim usullaryny we maglumat tehnologiýalaryny özleşdirýän mugallymlaryň hünäri ýokarlandyrylýar, ýurdumyzyň hem-de daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda halkara gatnaşyklary ösdürilýär.

Bilim ulgamyny ösdürmek, nurana geljegimiz bolan kämil bilimli ýaş nesli kemala getirmek babatda uly aladalar edýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

***Gülsenem HOMMADOWA,***
***Halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş kafedrasynyň mugallymy.***

*Täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli Arkadag şäherinde hem-de ýurdumyzyň welaýatlarynda jemi 13 sany çagalar bagyny, 19 sany orta mekdebi we okuw-terbiýeçilik toplumyny açmak göz öňünde tutulýar.*

**Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysy» atly pähim-paýhasa ýugrulan eserinde: «Men entek mekdep partasynda otyrka, okuwçylaryň hünär saýlamak meselesine üns berilmeginiň, olaryň belli bir hünäri gazanmagynyň tarapdary» diýip, örän jaýdar belläp geçýär.**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlary diplomatik hünäre höweslendirmek maksady bilen, Gahryman Arkadagymyzyň ýörite Karary esasynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň düzüminde döredilen Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň guramagynda geçirilýän «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşigine gatnaşmagym meniň durmuşymda iň bir aýgytlaýjy pursat boldy.

Durmuşda kähalatlar ykbalyň seni garaşylmadyk menzillere, ýollara atarýanyny duýman galýan ekeniň. 2021-nji ýylyň güýz aýlarynda «Nesil» gazetini okap oturan pursadym «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň bildirişine gabat gelmegim meniň ykbalymy düýpgöter üýtgetdi. Bu bäsleşige gatnaşmagym bilen mende diplomat bolmak höwesi döredi. Bäsleşige adalatly baha berýän emin agzalaryň arasynda Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçileriniň hem bolmagy meniň diplomatiýa bolan höwesimi has hem artdyrdy.

## Ýhlas HALLYÝEW



2022-nji ýylda maňa bäsleşigiň I möwsüminiň ýeňijisi bolup, I orny eýelemek bagty miýesser etdi. Bäsleşigiň II möwsüminde bolsa maňa üstünlikli çykyş edip, Baş baýraga hem-de Göçme kuboga mynasyp bolmak bagty miýesser etdi. Bäsleşige gatnaşanymyzda institutyň mugallymlarydyr talyplarynyň bizi mähirli garşy almagy, bäsleşige taýýarlyk pursatlarynda okamaly edebiýatlary biziň elektron poçtalarymyza ugradyp ýakyndan ýardam bermegi, bäsleşigiň her tapgyryndan öň institutda ýörite umumy okuw sapaklaryň geçirilmegi, taryhy galalardyr ýadygärliklere gezelençleriň guralmagy mende bu ýokary okuw mekdebinde bilim almaga höwes döretdi.

Bäsleşigiň II möwsümine gatnaşanymda bizi garşy alyp, bäsleşigiň ýokary derejede geçirilmegine uly goşant goşan talyplaryň I möwsümde meniň bilen bilelikde bäsleşen ýoldaşlarymdygy bolsa, mende has hem uly täsir galdyrdy. Bu bäsleşik biz — ýaşlaryň türkmen diplomatiýasyny, gadymy döwletleriň daşary syýasatyny öwrenmekligimize, ylaýta-da, diplomatiýa bolan höwesimiziň artmagyna uly ýardam berdi. Men ýaşlykdan edebiýat, taryh, Türkmenistan döwletimiziň daşary syýasaty, goşgudyr makala ýazmak bilen ýakyndan gyzyklanýardym. «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginde ýeňiji bolan pursadymda ýazyjy hem diplomat Gylyç Kulyýew meniň hyýalymdaky gahryman hökmünde göz öňümde janlandy.

2019-njy ýylda Türkmenistanyň mekdep okuwçylarynyň arasynda «Altyn asyryň altyn zehinleri» ders bäsleşiginiň şäher tapgyrynda taryh dersi boýunça II orny eýeledim. 2022-nji ýylda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň garamagyndaky Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň guramagynda geçirilen «Türkmen Bitaraplygynyň milli nusgasy: parahatçylygy döretmegiň ykrar edilen ýörelgesi» atly düzme bäsleşiginde hem I orny eýelemek bagty miýesser etdi.

Gahryman Arkadagymyz «Parahatçylyk sazy — dostluk, doganlyk sazy» atly ajaýyp eserinde: «Sungatlar söhbetleşýärkä, toplaryň sesi çykmaýar!» diýip, örän jaýdar belleýär. Men hem şu pähim-parasada ýugrulan jümlelerden ugur alyp, geljekde döredijilik bilen diplomatiýany bilelikde ýöredip, Türkmenistan döwletimiziň halkara abraýynyň mundan beýläk-de belende galmagyna mynasyp goşandymy goşmaklygy maksat edinýärin. Ine, ýaňy-ýakynda maňa Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby bolmak bagty miýesser etdi.

Biz — ýaşlara okamaga, öwrenmäge, ukyp-başarnyklarymyzy açyp görkezmäge döredip berýän giň mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza köp sagbolsun aýdaýaryn. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik, ömürleri uzak bolsun!

## Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

*— Biziň topragymyzda ýene-de dünýä ylmynda iňňän wajyp ähmiýetli açyşlary edip, şamçyrag – ýolgörkeziji boljak eserleri döretjek birunylaryň, lukman hekimleriň, mäne babalaryň, horezmileriň, arabylaryň, merwezileriň, amulylaryň, zamahşarylaryň, kubralaryň, nesewileriň, massonlaryň we sarianidileriň, jykyýewleriň hem atanyýazowlaryň dörejekdigine men berk ynanýaryn.*

# Arzuwlaryň zandynda hasyl bolmak bar

Wysallaryň ak köşgüne yhlas atly ýodalar alyp barýar. Eziz Watanymyz ynsanlaryň arzyly maksatlarynyň myrat tapýan ýurdy. Bu jenneti mekan ülkede ýaşap, onuň ösüşlerine mynasyp goşant goşmak, abraý-mertebesini Ýer ýüzünde has-da belende galdyrmak her bir türkmen raýatynyň baş maksady bolup durýar. 2023-2024-nji okuw ýylynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyna talyplyga kabul edilen — diplomatiýany özlerine hünär edinip, eziz Diýarymyzyň hyzmatynda gaýym durjak bagtyýar talyplaryň hatarynda «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň ýeňijilerini görmek örän buýsançly. Olar arzyly pellehana menzilme-menzil ýetip gelýär...

Badalga alan gününden bäri gerimi barha giňeýän «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşigine gatnaşmaga isleg bildirýän zehinli okuwçy ýaşlaryň sany ýyl-ýyldan artýar. Bäsleşik mekdep okuwçylarynyň müňlerçesini kitaba imrindirip, bilim ýoluny arçaýar. Bäsleşigiň I möwsümi türkmen döwletleriniň taryhyny öz içine alýan sowalnamalardan düzülen bolsa, II möwsümde taryhda bolup geçen bäş siwilizasiýadan habar soraýan sowalnamalar boýunça ýaş çaparlar güýç synanyşdylar. II möwsümde oňa gatnaşyjylar bäsleşigiň täze goşulan şerti — soraglara iňlis dilinde kämil, takyk jogap bermegi-de başardylar. Bu bolsa türkmen diplomatiýasynyň geljegi bolan ýaş çaparlaryň dil taýýarlyklarynyň ýokarydygyny görkezdi.

Öňümizde sabyrsyzlyk bilen garaşylýan III möwsüm. Bu möwsümiň «Beýik Magtymguly Pyragynyň taglymaty — umumadamzat gymmatlyklarynyň milli şamçyragy» atly şygar astynda geçirilmegi, eýýämden oýnuň beýlekilerden görnetin tapawutlanyp, şahyrana, täsirli geçjeginden habar berýär. Berilýän soraglar diňe maglumat häsiýetli bolman, logiki pikirlenmegi hem talap edýär. Bäsleşik üçin saýlanyp alynýan temalar, teklip edilýän edebiýatlar oýna gatnaşyjylara taýýarlyk döwründe bilimlerini artdyrmaga, dürli döwletleriň diplomatik däpleri, medeniýeti, syýasat bilen has ýakyndan tanyşmaga itergi berýär. Bäsleşigiň geçirilýän ýeri bolan ýaş diplomatlary taýýarlaýan ýokary okuw mekdebiniň «Ak öý» binasynyň bezeginiň oýunlaryň temasy bilen utgaşdyrylmagy bellenilmäge mynasypdyr.

Ökdeleri öňe saýlaýan bu bäsleşikde guramaçylyga jogapkär mugallymlaryň, baý tejribe goruna eýe emin agzalarynyň uly orny bar. Belläp geçmeli zatlaryň biri-de, I möwsümde ýeňiji bolan ýaş çaparlar II möwsümiň gatnaşyjylaryny talyp bolup garşy aldylar. Bäsleşige gezekli-gezegine alypbaryjylyk eden ýeňiji talyplar oýnuň guramaçylygynyň aglaba bölegini höwes bilen öz gerdenlerine aldylar. Bu oýnuň girim-çykymyndan habarly ýeňiji talyplar bäsleşige gatnaşýanlaryň tolgunmalaryny deň paýlaşdylar.

2023-2024-nji täze okuw ýylynyň bosagasynda parahatçylygyň ýaş çaparlarynyň 11-isi döşleri medally institutyň gapysyndan ätlediler. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň aglabasynda talyplyk buýsanjyny okyjylar köpçüligi bilen paýlaşan ýaş çaparlar indi halkaraçy hünärmenler bolup ýetişmäge aýgytly gadam urýarlar. Olaryň arasynda bäsleşigiň iki möwsümine gatnaşanlary-da bar. Halkymyzda «Ýykylan göreşden doýmaz» diýilýär. Ýöne Yhlas birinji möwsümde hem ýykylmandy. Ol arzyly I orny eýeledi. Bellenen menzil Baş baýrak bolansoň, Yhlas yhlas etdi. Bu gün — Bilimler we talyp ýaşlar gününde biz Yhlas bilen bir hatarda, eginleri «Talyp – 2023» ýazgyly ýene-de 10 sany «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň ýeňijisini talyplyk bagty bilen gutladyk. Goý, parahatçylygyň ýaş çaparlarynyň al-asmanda perwaz urýan ak kepderiler kimin ýollary ak bolsun!




*Aýşirin DÖWLETOWA,
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.*

*«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsümine gatnaşan ýaş çaparlaryň 11 sanysy türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň bagtyýar talyplary boldular.*

Dawut GEZEROW,

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň I ýyl talyby:*

— Ýurdumyzda ýaş zehinleri ýüze çykarmak maksady bilen birnäçe bäsleşikler geçirilýär. Maňa hem Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň guramagynda «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşigine gatnaşyp, özümi synap görmek bagty miýesser etdi. Bu bäsleşige ýurdumyzyň dürli künjeklerinden zehinli okuwçylaryň 300-den gowragy gatnaşyp, sanly ulgamyň mümkinçilikleri arkaly test synagyny tabşyrdylar. Şolardan iň ýokary netije görkezen zehinli okuwçylaryň 64-isi «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň II möwsümine gatnaşmaga hukuk gazandylar. Men hem bu bäsleşigiň II möwsüminiň I saýlama tapgyrynda we II ýarym final oýnunda ýeňiji bolup, bäsleşigiň final oýnuna gatnaşmaga hukuk gazandym. 2023-nji ýylyň 15-nji maýynda geçirilen «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň final oýnunda 2-nji orna mynasyp boldum.



Ine, bu gün bolsa Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň giriş synaglaryny üstünlikli tabşyryp, talyp adyna mynasyp boldum.

Biz — ýaşlara şeýle mümkinçilikleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, işleri rowaç bolsun!

Döwletmyrat ARAZOW,

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň I ýyl talyby:*

— Men ýurdumyzda döwlet derejesinde geçirilýän birnäçe bäsleşiklere gatnaşyp, öz ukyp-başarnygymy synap gördüm. Has dogrusy, 2023-nji ýylda mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilen «Altyn asyryň altyn zehinleri» atly ders bäsleşiginiň şäher tapgyrynda taryh dersi boýunça 3-nji orna, şeýle-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň guramagynda geçirilýän «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşigine gatnaşyp, 2-nji orna mynasyp boldum. Mundan başga-da, Ylymlar güni mynasybetli Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda yglan edilen ylmy işler boýunça bäsleşigiň ýeňijisi bolup, hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna mynasyp bolmak bagty maňa miýesser etdi.



«Yhlasa — myrat» diýlişi ýaly, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly meniň durmuşymda ähli yhlasymyň ýerine düşüp, maksatlarymyň hasyl bolan ýyly boldy. Men Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby boldum.

Şu ajaýyp pursatda men hem saýlap alan ugrum boýunça ussat hünärmen bolup ýetişip, ýurdumyzyň ösüşine öz mynasyp goşandymy goşjakdygyma ynandyrýaryn.

# «Eje, men mekdebe barýan!»

*(Oýlanma)*

«Eje, men mekdebe barýan!». Öýüň içki otagyndan gelen bu ýakymlyja sözleri gyssanmakdan hem tolgunmakdan ýaňa gözjagazlaryny balkyldadýan gyzjagazymyň dilinden eşidip, hyýala berlenimi-de duýmandyryn...

Iki sany guw boýunly ikiligiň biri-biriniň söbüginden ýapyşyp, dulumdan duýdansyz geçip gidenini-de duýmandyryn. Adaja güýz şemalynyň gapymy kakmagy bilen, 22 ýyl mundan ozal ak mekdebe gadam basanym, göz öňümde janlanyberdi. Awgust paýawladygyça çagalyk dünýäm üýtgeşik duýgularyň ýesirine dönüp barýardy. Owal aýy, hepdäni, güni sanaýan bolsam, indi... minutlaram ýürek urşuma goşulyşyp, sekuntlara syrykdy. Nätjek, çaga kalbym entek bujagaz zatlaryň ähli ädiljek ädimleriň diňeje başlangyjydygyny näbilsin?!

Her gün mekdebe diýlip alnyp berlen zatlarymy birlaý gözden geçirip, täzeje egin-eşigimi geýip, garasaý, bar esbaplarymy torbama ýerleşdirip, okuwçy keşbine girip, hyýalymda näbelli mugallym bilen söhbetdeş bolýardym. Howlymyzdan ädim ädene okuwa barýanymy buşlap, olara-da birlaý okuwçy lybaslarymy geýip görkezerdim. Şeýde-şeýde iň arzyly günem gapymy kakdy. Oýaryjynyň altyn dilini daň saz berende oýanmak üçin sagat 5-e gurdum. Öýjagazyň şekilindäki kindiwanjadan mämişi sagadyma ynanmazçylykdanmy, bilmedim, ejemdir enem dagyň-da «Meni hökman oýaryň!» diýip, öwran-öwran «gulaklaryny gazadym». Walla, sagady gursam-da, hossarlaryma tabşyrsam-da, ne sagada, ne-de hossarlaryma ynanman, uzyn gije çirim etmän diýen ýaly daňa ýetdim. Ine-de, 31-nji awgust. Ir sagat 8-de nyzama durulýan bolsa, men eýýäm 7-de mekdebiň howlusyndan ädip, imisalalygy bölýän guşlaryň owazyny diňläp, daş-töweregi synlap, garaşyp durun. Başga ýerleri-hä bilemok welin, 31-nji awgust güni bilen baglanyşykly biziň obamyzyň bir üýtgeşik edähedi bardy. Şol gün okuwçylar hem-ä mugallymlaryna ter gül desselerini gowşurardy, hemem tutuş ýyl oturjak partasyny bellärdi. Oba adamlarynyň dilinde «parta bellenişik» diýlip adygan ol gün bizi — birinji synpa gadam basan körpejeleriň ählijesini bir synpa jemläpdi. Şonda maňa penjiräniň golaýyndaky birinji hataryň iň yzky partasyndan ýer ýetipdi. Çagalar bagynda hemişe birinjiligi eýeläp gelemsoň, bu günki düşen ýagdaýyma ýüregim tas ýerinden gozganaýyn diýipdi. Meni bar iňkise goýan zadam, indi tutuş ýyl şol oturan partamda okamaly bolaryn öýtmegimdi. Onýança-da bulutlary syryp, älemgoşaryň öwşün atyp çykyşy ýaly, alnymyzda mähriban mugallymlar peýda bolupdy. Olaryň okuwçylara ýüzlenip: «Balalar, araňyzda kim



enelerimizi wasp edýän goşgy bilýärkä?» diýen sowaly kalpda gopýan «harasadymy» dyr-pytrak edip, ünsümi özüne sowaýdy. Synpyň içine aralaşan dymyşlykdan ýaňa uçup barýan siňegiň ganatjyklarynyň kakuwy-da eşidiljekdi. Ahyry ozalkyja endigime görä, bu ümsümligiň arasyny bozup, elimi galdyrdym. Uzyn synpyň ol ujuna ýetip, ene hakdaky goşgymy aýdyp, yzyma gaýtdym. Ýerimde oturanym hem şoldy, mugallymlaryň biri ýene-de bize ýüzlenip: «Araňyzda Watan hakynda goşgy bilýäniňiz hem bardyr?!» diýdi. Görsem-baksam, daş-töwerekde seslenýän ýok, onsoň ýene elimi galdyryp, orta çykdym. Öňkim ýaly yzyma dolandym, ýerime geçenim ýaňy welin, ýene mugallym seslendi: «Okuwçylar, gözel tebigatymyzy wasp edýän goşgulardan aýdyp berjegiňiz barmy?». Bu gezegem elimi galdyranymy gören mugallym «Geläý» diýen terzde başyny atyp, yşarat etdi.

Bar gyzyk, ine, şol gün okuwdan öýümize gelemsoň başlandy. Ýaňy bir çaý-çöregimi iýeýin diýip, enemiň ýanyna süýşdümem welin, 1-nji synplary okatmaly beýleki mugallymlar birin-birin gapymyzdan gelip ugradylar. Olaryň barynyň aladasy birdi. Enemiň iň eý görüp, ýanynda saklaýan agtyjagyny öz synplaryna geçirmekdi. Iki ýediligi yzyna tirkändigine garamazdan, elindäki hasasyny ýere uranda «ýer sarsýan», deminde «daşy gaýnadara» getirýän, dogumlydan daýanykly enemiň sözi hemişekisi ýaly bir boldy. «Lebiz agyzdan çykansoň, yza ýol ýok. Men bu agtyjagymy Bekeşowa mugallymyň synpyna berýän diýip lebiz etdim» diýlen söz baryny çürt-kesik etdi. Onsoňam «Bazary gyzanda, satyjy alyjyny saýlar» diýleni-dä. Enemem näme, zol-zol sorap duransoňlar has-da ekezlenen ýaly bolaýdy.

Ertesi meniň üçin arzyly gün — 1-nji sentýabr bolansoň, men ýene-de kirpiklerimi biri-birine sataşdyrmanjyk daňy agardyp, mekdebe ýönelmekçi boldum. Ejem dagy: «Sered-ä, sagad-a ýaňy bir ýedi, näme, mekdep garawullajakmyň?» diýip käýemek käýäpdi. Uzyn hatar bilen öz okamaly synpymyza girenimden iň öňdäki partada goş ýazdyrdym. «Hernä, ýene 1-injiligi eýelemek nesibämde bar eken» diýip, öz içimden begenjime iki bolup bilmedim...

Ine, bu gün ýene-de 1-nji sentýabr! Aradan öňe towsup barýan towşan bilen bäsleşip, tas, iki müçä golaý wagt geçipdir. Bu gün meniň mekdep ýyllarymyň täsirliden iň täsin, ilkinjije günleriniň ýumagynyň çöşlenmegime sebäp bolan gulpaklyja gyzjagazym edil özüme meňzäp, okuwçy lybasynda aýna bakyp dur...

***Aýnabat NAZAROWA,***
***Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň mugallymy.***

*Mugallymyň sözi — Watanyň sözi,*
*Ol sözde ýerleşýär dünýä dek mazmun.*
**K.Gurbannepesow**

*Her ýyl güýz gelende, derýa deý akýan*
*Ýaşlar bilen görke gelýär köçeler.*
**K.Rejebow**

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRON NEWSPAPER

Baş redaktor
**Aýnabat NAZAROWA**

**Baş redaktoryň orunbasarlary:** M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
**Jogapkär kätip:** B.Garaýew.
**Jogapkär kätibiň orunbasary:** A.Kaşaňow.
**Kätip:** A.Nobatowa.
**Bölüm müdiri:** J.Öwezowa.
**Edebi işgärler:** A.Ýazweliýew, A.Atajykowa.
**Fotohabarçy:** B.Ýazmyradow.
**Korrektorlar:** A.Hudaýbergenowa, A.Döwletowa.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, W.Kadyrow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, T.Döwletowa, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

**E-mail:** yashdiplomathgi@gmail.com